# Şükür, alhamdulylla!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şükür, alhamdulylla! ŞÜKÜR, ALHAMDULYLLA!



Ýaş birçene barandyr,
Bilmen niçe galandyr.
Görgüleriň, azabyň,
Ýaş-ýeleňe ýalandyr.
Şeýtan bakmaz salyňa,
Ýaş-u–juwan, çalyňa.
Ýetjeksiň wysalyňa,
Ýadyňdadyr, ýa, Alla!

Hoş bolmadyň, Allaýar,
Boş bolmadyň, Allaýar.
Baş bolmadyň Allaýar,
Adyňdadyr, ýa, Alla!

Agşam ýatsak, ýa, Alla!,
Ertir tursak, ýa, Alla!
Eger ýatsak, turmasak,
Şükür, alhamdulylla!

Ýan bermediň şeýtana,
Çykdyň göreş meýdana.
Pälwan ýeter haýdana,
Haýdanyňda, ýa, Alla!

Şeýtan işi geň bolar,
Baran ýeri jeň bolar,
Ahyrsoňy teň bolar,
Oduňdadyr, ýa, Alla!

Agşam ýatsak, ýa, Alla!,
Ertir tursak, ýa, Alla!
Eger ýatsak, turmasak,
Şükür, alhamdulylla!

- **SOWAL–JOGAP**

Diýseler: – Uzak ýola ýoldaş gerek. Saýla birin!
Han gerçegiň içinden jan gerçegi saýlardym.
Diýseler:- On gardaşyň içinden saýla şirin!
Gardaş gowy, ýöne weli jan berjegi saýlardym.
«On dostuň bar, «dost“ diýip, birin saýla“- diýseler,
– Dostum- diýip, ýene men şan berjegi saýlardym.
Jan gerçegim, jan berjegim, şan berjegim–Serdarym,
Ol meniň ýolda ýoldaşym, hem dostum, byradarym… Goşgular